**Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2025-nji ýylyň 27-nji noýabryndaky
№78-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 65-demir "Umumy peýdalanyşdaky demir ýol ulagynyň hyzmatlary barada hasabat" (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№ 65-demir "Umumy peýdalanyşdaky demir ýol ulagynyň hyzmatlary barada hasabat" (çärýeklik) forma boýunça döwlet statistik hasabatyny Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi düzýär. Hasabat formasynyň salgy böleginde görkezilen salga we bellenen möhletde tabşyrylýar.

## 1 BÖLÜM. UMUMY PEÝDALANYŞDAKY DEMIR ÝOL ULAGLARY BILEN ÝERINE ÝETIRILEN HYZMATLAR

01-nji setirde gatnawlaryň ähli görnüşleri boýunça demir ýol ulagy bilen ilkinji ýolagçylary gatnatmak boýunça görkezijiler berilýär, (02, 06, 07-nji setirlerdäki) gatnawlaryň ähli görnüşlerinde gatnadylan ýolagçylaryň sanyny jemlemek arkaly kesgitlenilýär. Halkara gatnawyndaky ýolagçylaryň – daşary ýurda ugradylanlaryň, daşary ýurtdan gelenleriň we döwletleriň arasynda üstaşyr gatnaýanlaryň sany (03, 04, 05-nji setirlerde) hasaba alynýar.

Ähli gatnawlarda el goşlaryny, ýük goşlaryny daşamak 08-nji setirde görkezilýär we ýolagçy gatnadýan wagonlar toplumynyň goş wagonlarynda demir ýol ulaglary arkaly ýurduň çäginde daşalan el goşlarynyň we ýük goşlaryň möçberleriniň jemi hökmünde hasaplanylýar.

Ähli gatnawlarda demir ýol ulaglary bilen daşalan ýükleriň möçberi (09-njy setir) ýurduň çäginde demir ýol ulaglary bilen daşalan ownuk, wagonlaýyn, konteýnerlerde we gaplanan içerki we halkara gatnawlarynda otlularyň ähli görnüşleri bilen, işçi toplumynyň ýük wagonlarynda daşalan ähli ýükleriň jemi hökmünde hasaplanylýar we 10-njy, 14-nji, 15-nji setirleriň jemi hökmünde kesgitlenilýär. Halkara gatnawlarynda ýükleri daşamak görkezijisi (10-njy setir) şu setirlerden goşulýar: ýükleriň döwletiň içine getirilen möçberi – 11-nji setir, ýükleriň döwletiň içinden çykarylan möçberi – 12-nji setir, 13-nji setir – şol döwletiň çäklerinden üstaşyr geçirileni we agzalan setirleri goşmak arkaly kesgitlenilýär.

Ýükleri döwletiň içine getirmek (11-nji setir) – beýleki döwletlerde ýüklenen we şol döwletiň çäginde ýerleşen, göniden-göni alyja ýa-da alyjynyň ulag-ekspedisiýa hyzmatlaryny amala aşyrýan awtoulag edarasyna maglumat berýän stansiýa tarapyndan berlen ýüki daşamak.

Ýükleriň döwletiň içinden çykarylan möçberi (12-nji setir) – göniden-göni ugradyjydan ýa-da ugradyja ulag-ekspedisiýa hyzmatlaryny amala aşyrýan awtoulag kärhanasyndan kabul edilen, beýleki döwlete eltmegi bellemek bilen, maglumat berýän döwletiň çäginde ýerleşen stansiýadan daşalan ýüki daşamak.

Ýurduň çäginden üstaşyr ýükleri daşamak (13-nji setir) – bir döwletde ýüklenen, maglumat berýän döwletiň çäklerinden geçip başga döwlete daşalany.

14-nji setir – ýerli gatnawlarda daşalan ýükleriň möçberi, 15-nji setir – şäheriň töweregindäki gatnawlarynda daşalan ýükleriň möçberi görkezilýär.

16-njy setirde (17, 21, 22-nji setirleriň jemi) ähli gatnawlarda demir ýol ulagynyň ýolagçy dolanyşygy görkezilýär we hasabat döwründe gatnadylan ýolagçylaryň sanyny olaryň gatnadylan tarif aralygyna köpeldilen möçberi hökmünde kesgitlenilýär.

17-nji setirde halkara gatnawlarynda demir ýol ulagynyň ýolagçy dolanyşygy görkezilýär we 18-nji, 19-nji, 20-nji setirleriniň – daşary ýurtlardan gelen, daşary ýurtlara ugradylan, döwletleriň arasynda üstaşyr geçen ýolagçy sanynyň jemi hökmünde kesgitlenýär.

El goşlaryň, ýük goşlaryň daşalan möçberi (ýük dolanyşygy) ähli gatnawlarda (23-nji setir) başlangyç ugradylan nokadyndan bellenen nokada çenli geçen ýoly (goşuň gaýtadan ýüklenen nokadyna çenli we hereket edýän düzümiň bellenen nokadyna çenli däl-de) el goşlaryň, ýük goşlaryň ugradylýan başlangyç nokadyndan ugradylan pursady boýunça daşama resminamalary esasynda kesgitlenilýär.

Ähli gatnawlar boýunça demir ýol ulaglary arkaly ýükleriň geçen ýoly (ýük dolanyşygy) 24 setirde görkezilýär (25, 29, 30-njy setirleriň jemi) ýükleriň aýry görnüşleriniň kärhanalaryň hususy we beýleki edaralardan kärendä alnan düzümi bilen ýükleriň daşalan möçberini iň gysga aralyga köpeldilen möçberiniň jemi hökmünde kesgitlenýär.

Halkara gatnawlarynda ýükleriň geçen ýoly (ýük dolanyşygy) 25-nji setir 26-njy, 27-nji, 28-nji setirleriň – getirileni, çykarylany, döwletleriň arasynda üstaşyr geçirileni – görkezijilerini goşmak bilen kesgitlenilýär.

## 2 BÖLÜM. MALIÝE GÖRKEZIJILERI

01-nji setirde umumy peýdalanyşdaky demir ýol ulaglary tarapyndan alnan ähli girdejiler görkezilýär (02, 09, 10 we 17-nji setirleriniň jemi).

02-nji setirde (03, 07, 08-nji setirleriň jemi) gatnawlaryň ähli görnüşleri boýunça demir ýol ulaglary bilen ýolagçylary gatnatmakdan alnan girdejiler – satylan ýolagçy petekleriň umumy bahasy girýär (ýolagçy münüp-düşen nokadyna çenli we hereket edýän düzümiň barmaly nokadyna çenli däl-de), ýolagçynyň ilkinji ugran nokadyndan barmaly nokadyna çenli satylan ýolagçy petekleriň nusgalary esasynda satylan pursady boýunça.

03. 07, 08-nji setirlerde – ýolagçy gatnatmagyň görnüşleri boýunça (halkara, döwletiň içindäki (ýerli), şäher ýaka) alnyýan girdejiler görkezilýär.

03-nji setir – “halkara (göni)”, 04-nji – geleni, 05-nji – ugradylany, 06-njy – üstaşyr geçirileni setirlerini goşmak bilen hasaplanylýar

09-njy setirde gatnawlaryň ähli görnüşleri boýunça el goşlary, ýük goşlary daşamakdan alnan girdejilere – el goşlaryň, ýük goşlaryň ugradylan nokadyndan barmaly nokadyna çenli daşamak üçin, ol ýol goşuň ýük goşuň bellenen nokada baran, getirilen pursady boýunça daşama resminamalary esasynda hasaba alynýan tölegiň umumy nyrhy goşulýar.

10-njy setire (11, 15, 16-njy setirleriň jemi) gatnawlaryň ähli görnüşleri boýunça demir ýol ulaglary bilen ýükleri daşamakdan alnan girdejiler – ýükleriň ugradylan başlangyç nokadyndan ýetirilmeli (getirilmeli) nokadyna çenli töleginiň umumy bahasy goşulýar, ol ýükleriň bellenen nokada baran (getirilen) pursatynda daşama resminamalary esasynda hasaba alynýar.

11-nji setirden “halkara göni” (12, 13, 14-nji setirleriň jemi) , 12-nji – getirileni, 13-nji – çykarylany, 14-nji – üstaşyr geçirileni setirler tapawutlandyrylýar.

17-nji setirde edara, kärhanalaryň işleriň beýleki görnüşlerinden alnan ähli girdejileri görkezilýär.

18-nji setir “Walýuta girdejisi” ýolagçylary gatnatmakdan we ýükleri daşamakdan gelen ähli walýuta girdejileri öz içine alýar (19, 20-nji setirleriň jemi) we umumy girdejileriň içine girýär.

21-nji setirde edara, kärhanalarynyň işleriniň ähli görnüşleri üçin edilen çykdajylar görkezilýär.

22-nji setirde 23-nji, 24-nji setirleriň jemi gatnawlaryň ähli görnüşleri boýunça ýolagçy gatnatmaklyga edilen çykdajylar görkezilýär.

25-nji setirde 26-njy, 27-nji we 28-nji setirleriň jemi gatnawlaryň ähli görnüşleri boýunça ýük daşamaklyga edilen çykdajylar görkezilýär.

## 3 BÖLÜM. SEBITLER BOÝUNÇA ESASY GÖRKEZIJILER

01-nji setir. **Demir ýol ulaglarynda ýükleri daşamak** iş parkynyň ýük çekýän wagonlarynyň ähli görnüşlerinde içerki we halkara gatnawlarda konteýnerlerde we paketlerde az möçberde, kiçi wagonlarda, ugurlar boýunça ýurduň çäginde iberilen ähli ýükleriň jemi hökmünde, şol sanda nomenklatura boýunça hasaplanýar we ýükleriň beketden iberilendigi we gelendigi barada aýlyk hasabatyň esasynda doldurylýar.

Ähli gatnaw ugurlarynda goşlary, umuman ýük goşlaryny daşamak çäkde ýolagçy wagonlarynyň goş daşalýan wagonlarynda demir ýol boýunça iberilen ähli goşlaryň, ýük goşlarynyň jemi hökmünde hasaplanýar.

Halkara gatnawlarda ýük daşamagyň görkezijisi ýurda getirilýän, ýurtdan çykarylýan we çäk boýunça daşalýan ýükleriň jemi hökmünde emele gelýär we olary goşmak bilen kesgitlenýär.

Demir ýol ulaglarynda ýük dolanyşygy, daşalýan aralygy hasaba almak bilen, ýükleri daşamak boýunça ýerine ýetirilen işiň möçberini görkezýär. Ýük dolanyşygynyň ýerine ýetirilişi her bir ýoluň çäklerinde ýakyn aralyklarda daşalan ýükleriň tonnadaky mukdaryny köpeltmek ýoly bilen, ýükleriň gelen pursaty boýunça ýol wedemostlarynyň esasynda kesgitlenýär.

## 4 BÖLÜM. SEBITLER BOÝUNÇA MALIÝE GÖRKEZIJILERI

Setir ....... Ulag işinden alnan girdejiler (GBÜS-y goşmazdan), hemmesi. Umumy peýdalanylýan **demir ýol ulagynyň** ulag işiniň ähli görnüşlerinden alnan girdejileri gatnawlaryň ähli görnüşlerinde demir ýol ulagy bilen ilkibaşda ýolagçylary ugratmakdan alnan girdejileriň umumy möçberinden ybaratdyr, muňa ýolagçynyň ilkibaşda ugran nokadyndan ýolagçynyň barmaly nokadyna çenli satylan ýolagçy petekleriniň umumy gymmaty goşulýar, bu şol petekleriň satylan pursaty boýunça ýolagçy petekleriniň nusgasynyň esasynda alynýar. Ähli ugurlarda goşlary, ýük goşlaryny ibermekden alnan girdejilere olaryň iberilen nokadyndan barmaly nokadyna çenli goşlaryň, ýük goşlarynyň daşalandygy üçin tölegiň umumy gymmaty goşulýar, ol goşuň, ýük goşunyň bellenen nokadyna getirilen (ýagny gelen) pursaty boýunça ulag-daşama resminamalary boýunça hasaba alynýar.

Ulag işiniň beýleki görnüşlerinden alynýan girdejilere ýükleme-düşürme işlerinden alnan girdejiler goşulýar.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**